# Gybatkeşler

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Gybatkeşler GYBATKEŞLER

Üç zibil ýaşik bar öýümiñ ýanynda,
Ýere-göge pitjiñ atyp oturan.
Içindäki taşlandylar ýananda,
Hapa ysyn dünýä satyp oturan.

Tämizligi özlerinden daş edip,
Gözelligi duşman edip otyrlar.
Bedre känin, gorşok baryn boşadyp,
Darlygyna puşman edip otyrlar.

…Üç sany gybatkeş dördünji gatdan
Zibil ýaşiklere garap otyrlar.
Gazal okap berip ol kyýamatdan,
Halky «harap edip», harap otyrlar.

Hakykat her gezek gaýdýar gutaryp,
Janalgyç sezany diñdirjek bolup.
Olañ hersi bir burçundan göterip,
Dyzaýar dünýäni düñderjek bolup.

Ýeñe degýär hapa döken wagtymyz
Ýaşikleriñ erñeginiñ ýoklary.
Dünýäñ dört tarapy ~ biziñ bagtymyz
Hem dördünji gybatkeşiñ ýoklugy…

Torum ÝAÝLAN BATAŞY. Goşgular